# Ýalñyz durna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýalñyz durna ÝALÑYZ DURNA



Näme boldy, otyrsyň sen – uçaňok,
Gursagyňda peýkamy bar pelegiň,
Ganatlarňy, ganatlarňy açaňok.
Elwan gana bulanypdyr ýelegiň,
Bu ne ykbal eleginde elenen.
Gözüň gamly – nirde seniň söýläniň?!
Daňlar owaz etdiň, ne bor öýläniň.
Arkaňa alypsyň täleý ýüküni,
Seňki deý halymy duýmaz söýýänim…
Şonuň üçin ýapdym köňül eýwanym!

Suwa tarap boýnuň burup seredýäň,
Gözüň bilen bu dünýäni eredýäň.

Göm-gök kölem dymyp otyr,
ne boldy?!.
Kalbyma salyplar hijran hesretin,
Guş, meniň ýüzümem seňki deý soldy.

Puç çykdymy, dünýä bolan yhlasyň,
Umytsyzlyk!
Erbet eken ol hasam.
Sensiz bu ýollary geler basmasym,
Wah, şu wagt uçuryp bolsady seni…
Tapylardy dünýäň dermansyz emi.

Eý köl, nämä dymýaň tolkun at ahyr,
Damjalaryň uçgun bolup syçrasyn!
Men seniň alnyňda bir ruhsuz zahyr,
Şu durna deý kän dertlere uçradym.
Hany durnam?
Tapman!
Ah, ol men ahyr… Goşgular